# Zäherli täç / fantastiki hekaýa

Category: Kitapcy,Mistika we fantastika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Zäherli täç / fantastiki hekaýa ZÄHERLI TÄÇ




«Dördünji dünýädäki» iň gülkünç adamyň aňrybaş çynlakaý gürrüňlerini okamaly boljakdygyňyzy öňünden duýdurmak bilen başlamalyma başlamak isleýän…
Men dokuzunjy okeanyň kapitany, şeýle-de, Diýar-u-Hyýalyň mirasdüşer şazadasy Täleýýalan Hyýaly III. Ýene, takmynan, ýetmiş iki sagatdan tagta oturmaly şa diýsemem ýalňyşdygym bolmaz. Edil şol wagt geçenden soň pederimem öler. Nobat maňa geler. Biziň kadamyzda şa tagta oturan pursady onuň gözlerine eredilen sap altyn, gulaklaryna gurşun guýulýar, tä şalyk möwrüti tamamlanýança açlyk duýgusyndan mahrum bolmagy üçin ýörite suwuklyk içirilýär, hepdelik ukusy 35 sagatdan artyk bolsa 2 günlik suwsuzlyk jezasy berilýär, dişleri sogrulyp, çep aýagynyň köwşüne demirtiken, sag aýagynyň köwşüne-de pamyk goýulýar, täç geýdirilmezinden öňem kellesiniň üstünden toprak sowrulyp soň täç geýdirilýär. Bilýän ýene ýetmiş iki sagatdan menem şeýle ýagdaýa düşürülmeli. Biziň dünýämizdäkilere, has dogrusy, dokuzunjy okeanyň adasy Diýar-u-Hyýalyň damarlarynda şa nesliniň gany aýlanýan ýaşaýjylaryna öz geljegini bilmek ukyby berilýär. Şol bir wagtda olar islese başgalaryň geljegini hem bilip bilýärler. Şa bolmazymdan öň maňa

kiçiräjik günä ýöňkelerde meni şa etmek islemezler. Kän bir uly günä bolmadygy üçin baş kazy meniň günämi öter. Howwa-da kiçiräjik günä üçinem bir mirasdüşeri şa etmezlik bolarmy?! O nähili kiçiräjik günä diýýäňmi? Men şu wagt zäher taýynlap durun. Pederim üçin! Oňa bu zäheri bir jenanyň lebleri arkaly bererin. Zäher pederimiň deri öýjüklerine ornaşandan soň ony, tiz wagtda, 3 minutda garradar. Soňam içki beden agzalaryny çüýredip ölümiň sowuk deminden oňa birki gezek sordurar. Ana bolany. Arkaýyn bol meň pederime dönüklik etjegimi oň özem bilýär. Men ýaňy aýtdyma bize öz geljegiňi bilmek ukuby berilýär…
***

Ýaşaýyş bilen ölüminiň arasyny ölçemek üçin ýasalan gurallar arkaly biz täze doglan çaganyň adamyz üçin peýdaly ýa-da binep boljakdygny öňünden anyklaýarys. 1 sagat ozal täze doglan çagalaryň 48 sanysyny «Ýazgytsyzlar» adasyna iberdik. Olary enelikleri terbiýelärler. Bu ada bizden 16 uhu (uly hyýaly uzaklyk) daşlykda ýerleşýär. Indi soňky iki asyr bäri bizde «Ýazgytsyzlar» köp dogulýarlar. Gynanamok. Olaryň ýazgydyny öz islegmize görä ýazmak ullakan bir mesele däl…

***

Biziň şalygymyz adalardan ybarat. Döredilen gününden bäri diňe biziň şalyk neslimiz dolandyryp gelýär. Jemi kyrk müň ada şalygmyza degişli. Olaryň otuz alty müň alty ýüz segsen dört sanysy meýletin goşulan salgyt töleýänler. Galanlary bolsa esgerlerimiziň ýerleşýän adalary, «ýörütelenen» adalar, halkymyzyň her bir bähbitleri üçin ulanylýan adalar… men sanap oturmana ýaltanýan sizem belkem sanaşmana…

***

Bu gün men şa boldum. Pederimi «eredip» durkalar maňa täç geýdirdiler. Gynanamok. Bolmalysy şeýledi. Şeýle-de boldy…

***

Maňa gyssagly kömek gerek! Okaýanlygyňyzy bilýärin…

© Şyhnazar DURDYÝEW Mistika we fantastika